# Nur bordum saňa

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Nur bordum saňa Aşyk Hoja

(1940-1978)

Hakykat gözellik, gunça gül bolsaň,
Bilbil ýaly saýrap, zar bordum saňa.
Zemini bezeýän, now bahar bolsaň,
Bulut ýaly ýagyp, nur bordum saňa.

Miweli bagmy sen ýa-da balmy sen?
Ysyňdan doýmaly anbar gülmi sen?
Jan şypasy köwser, abzulalmy sen?
Balyk ýaly ýüzüp, syr bordum saňa?

Nurana ýyldyzmyň, asmana dolsaň,
Çakylan ýyldyrym – nazaryň salsaň.
Ýüzüň simu-zermi, sen peýker bolsaň
Goşa ganat kümüş per bordum saňa.

Ýürek owazymyň, şirin labyzmyň?
Älemgoşar, bossan ýa bahar ýazmyň?
Aşyk Hoja aýdar ýa guba-gazmyň?
Bilebilsem, tapyp ýar bordum saňa?

Adyň seniň

Serwi boýly söwer ýarym, ýat edip saba-säher,
Men baddan salam gönderýän wasp edip adyň seniň.
Pyrakynda men biçäre, zyndandyr bady-şäher,
Gije-gündiz dynman aglap, men çekdim dadyň seniň.

Alabilmän, ýürek awap, dökdi didäm ganly ýaş,
Keç ykbalym bagrym daglap, köýdürdi yşky-ataş,
Görejimden gitmez keşbi, nur şöhleli ol kuýaş,
Bu gözellik biz garyby bend eden şadyň seniň.

Batyl bagtymyz açylsyn, aç roýuňy göreýin,
Ter, röwşen synalaryňa ajap dessan düzeýin,
Her gaşyňa gaş goýup, kirpikleşip duraýyn,
Ýogsa öçmez ýüregimde ir ýakan oduň seniň.

Perwaz urup daşyňda men, ýürek-bagrym set para,
Ýar gülüni rakyp guçsa, çykar janym, ýok çäre,
Aşyk Hojaň söwer ýary gara gözli Gülnara,
Tä ölinçäm ýatdan çykmaz bu eziz adyň seniň.

Aýsaparyň

Durşy nurdan ýaradylan,
Zülpi şamar Aýsaparyň.
Döşlerinde ýumralyp dur,
Ter alma, nar, Aýsaparyň.

Lebi üzüm salkymyndan,
Gözüm doýmaz ýalkymyndan,
Içen suwy alkymyndan
Görnüpler dur Aýsaparyň.

Zülpi gije, ýüzi gündiz,
Gözlerinde zöhre ýyldyz,
Goýny bahar, täze nowruz,
Gül ýüzi nur, Aýsaparyň.

Şapak ýaly ýaňaklary,
Mähir badam gabaklary,
Altyn şelpe barmaklary,
Ussat, çeper Aýsaparyň,
Aşyk Hoja taý Saparyň.

Garagöz

Aý jemally perimi sen,
Ýa, ýaz-bahar, güýz, garagöz.
Ýa-da jennet nurumy sen,
Burkut, başym ez, garagöz.

Ak maýa sen, ýazdan örňäp,
Her döşüňde bir dag döräp,
Başyň belent gaýa diräp,
Sagdyn meýdan-düz, garagöz.

Gözüň, gaşyň, saçyň gara,
Ak maňlaýyň giň, bir sere,
Kamatyň meňzär çynara
Boýuň on iki gez, garagöz.

Olla gelin, gül deregim,
Görmesem aglar ýüregim,
Aşyk Hoja diýr, geregim,
Durşuň aýdym-saz, garagöz.

Türkmen sesi gazeti. 1998 ýylyň 4-nji Apreli. Goşgular